# «Çarh bu işe guwanar, bolmaz ahyrzamana» / dowamy

Category: Kitapcy,Söhbetdeşlik
написано kitapcy | 25 января, 2025

"Çarh bu işe guwanar, bolmaz ahyrzamana" / dowamy NOBATGULY: – Beýik ynam kimde bolýar.

Ýetmiş ýylda SSSR-de näçe kinofilm, näçe roman, powest, drama eserleri döredildi. Kommunistleriň mertlik bilen ölümini suratlandyrmadyk beýik sowet romany, kinosy ýokdur. Hut biziň bilen bile işleýän kommunist ýoldaşlarymyz hem olaryň kommunistligine dil ýetirseň seniň bilen ölüşmäge taýyndy. Olaryň her biri kommunistik ideal üçin ölmäge taýýardy. Ahyry näme boldy? Kommunistik partiýanyň önümi, miwesi SSSR ýykyldy, kompartiýa dargadyldy. Hany aýt, ýekeje kommunist özüni öldürdimi? Ýekeje kommunist mert durup, ölşüp bildimi? Ýok, tersine, olar başga hama girip, demokrat bolşup, ozalky orunlaryna ymtyldylar.

Häzir ýigriminji asyr! Ynamlaryň, mukaddeslikleriň synýan asyry! Eger Sokrat şu gün bolan bolanda appelýasiýa bererdi, gaçardy, garaz, mertlik bilen awy içmezdi! Içmezdi! Sebäbi bu gün hiç kimde hiç zada doly ynam ýok! Dünýä-de, hudaýa-da, özüne-de!

Ýekeje mysal. Soňky iki ýüz ýyllykda L.N.Tolstoý ýaly danany dünýä bilenok. Ol graf, ol garyplaryň hossary, ol dünýäni baglan ýazyjy, ol akyldar, ol hudaý gözleýji. Eger-de, ol gözlän hudaýyny tapan bolanlygynda, beýle ejir çekip ölmezdi. Buniniň «Tolstoýyň halas bolmagy» atly kitaby bar, men diňe ondan bölekleri okadym. Gynanýan. Ýöne şol parçalarda Tolstoýyň ölümi doly diýen ýaly suratlandyrylýar. Tolstoý ölmezinden ozal 1909-njy ýylyň 28-nji sentýabrynda öýünden, has dogrusy, aýalyndan gaçýar. Onuň aýaly bilen gatnaşygynyň ýaramazdygyny bilýänsiň. Onuň ýanynda diňe gyzy Aleksandra Lwowna bolýar. Tolstoý başy ýassyga ýeten badyna gyzyna gündeligine ýazmagy haýyş edýär: «Hudaý – hiç hili

çäklendirilmedik ähli barlyk, adam bolsa Hudaýyň çäklendirilen halatda ýüze çykmasydyr!». Tolstoý soňra bu pikirini has ösdürýär, diýmek, görgüli şindi öz döreden, öz akylynyň ýeten hudaýyny doly kämilleşdirip, doly ynanyp, doly bitip bilen bolmaly däl. Ýogsa, dünýäniň dana atasy kanda, ölümiň öňünde ejizläp, birnäçe ýola aglamasy kanda?

OSMAN ÖDE: — Ölüm gutulgysyzlyk. Gorkut atanyň ölümi hakynda nähili ajaýyp hekaýat bar. Gorkut ata musulman dinini kabul eden adam, emma ol hem ruhuň ýaşaýandygyna doly ynanyp bilen däldir-dä. Ol ölümden gaçýar. Emma haýsy şähere barsa, gabyr gazyp duranlara duşýar:
— Kimiň gabryny gazýaňyz? — diýip soraýar.
— Gorkut atanyň gabryny — diýip düýbünden nätanyş adamlar jogap berýär.
Emma öz ylmyna hudaýa ynanan kibi ynanan belli lukman Pirogow ölüminiň öň ýanynda ähli studentlerini, şägirtlerini daşyna ýygnap, öz organizminde bolýan özgerişleri — ölüm prosesini doly ýazdyryp bilipdir.
Ynam! Ölümiň öňünde mertlik, edermenlik, gaýratlylyk durup bilmeýär. Ölümiň öňünde diňe ynam, ölen badyňa ruhuň ýaşap başlajagyna ynam durup bilýär. Adam öleninden soň ruhuň ýaşajakdygy hakda ynam bolsa dinler, iň ilkinji sada dinler bilen bile döräpdir…
Taryhçylar on bäş müň bäş ýüz töweregi uruş bolup, ol uruşlarda üç ýarym milliarddan gowrak adamyň ölendigini hasaplap çykardylar, ýöne dini dessurlar esasynda ynsanyň öz öldürenleri şondan köp bolmasa az däl. Meniň pikirimçe, şeýle pidalar geljekde ruhuň ýaşajakdygynyň hatyrasyna däl-de, gorky üçin berlen bolmaly! Ölüm golaýlap geldigi — oňa çagaňy, guluňy, ýesiriňi gurbanlyk aýdyp, ölümden gutulmaga synanyşmak ynamdan däl, gorkudan! Nadanlykdan däl, gorkudan! Eger her kim hudaýyň bardygyna, ölen badyna ruhunyň ýaşajakdygyna ýürekden ynananda, özi üçin kesekini gurban bermän, ýylgyryp başga ýaşaýşyň gujagyna giderdi…
Pygamber zamanynda Abu Talh atly musulman bilen bir jöhit ýeke hurma agajynyň üstünde dawalaşyp, meseläni çözdürmek üçin

Muhammet pygambere ýüz tutupdyrlar. Pygamberimiz Erem bagynyň – jennetiň hurmalaryny doly hem ynandyryjy beýan edip, jöhide: «Sen şu dawaly bir düýp hurmanyň deregine jennetiň hurmasynyň birini alsaň razy bolarmyň?» diýip ýüzlenipdir. Jöhit pygamberiň gürrüňine aňk bolup, «Razy, razy!» diýip gygyryberipdir.
Hany, olar ýaly ynandyrýan pygamber barmy her zamanda.
Hudaýlara gurban bermegiň ençeme görnüşleri bar. Dirikä ýüregini sogurmak, oda ýakmak, diri ýere gömmek, suwy mukaddes derýada gark etmek, dardan asmak, pyçaklap öldürmek… Bularyň ählisini hudaýa bolan ynamdan, ýa tebigatyň düşnüksiz syrlarynyň öňünde gorkudan, nadanlykdan görüp bolmaz! Ynsanyň ganynda bar bolan wagşyçylyk hem bu işde uly rol oýnandyr. Adamyň zandynda gan küýseme bar. Sebäbi ölümden lezzet almak geçmişde uly tomaşa bolupdyr. Ozal ýatladyk, gadymy Rimde, Gresiýada gladiatorlara bir-birini öldürdip tomaşa etmek – iň beýik keýp.
Gurban bermek dessuryny kim talap edýär? Hudaý! Hudaýyň ýerdäki wekili kim? Taýpanyň serdary. Dindar kime gulluk edýär? Elbetde, serdara! Serdara näme ýetenok? – Onuň iýjegi, geýjegi bol, oňa tomaşa ýetenok! Ony dindar bilýär. Şeýlelikde, bir bedibagty öldürip, gurban berýärler. Taýpabaşy serdar tomaşa görýär! Diniň hem dindaryň mertebesi artýar! Taýpa hem gurbandan soň alla ýalkap, has hem gowy ýaşap başlarys diýip ynanýar! Wessalam!

NOBATGULY: – Öňi bilen, asuda ýaşamak üçin nämedir bir zada ynanyp, dini ýörelge edinýärler, soňra şol ýörelge dessura öwrülýär. Ata-baba dessury ýöretmegi bolsa nesiller borç bilýär. Ynha, gadym-gadym zamanlar-da hindilerde bir ýörelge bolýar. Äri ölse, aýaly hem özüni otlamaly. Belki, bu dessur gahatçylyk zamanda ýüze çykandyr? Ekleýjisi – äri ölen aýala kim seretjek? Ol taýpada artykmaç agyz, artykmaç azar! Dini dessur boýunça onuň ölen ýerini otlaýarlar, aýalyna hem özüni otlamaga mejbur edýärler, ynandyrýarlar, garaz, taýpa artykmaç ýükünden dynýar. Şu ýörelge dessura öwrülip, ýaňy-ýakyna çenli ýaşamagyny dowam etdi. Elbetde, ozalky gahatçylyk ýok, aýal

hossarlaryna azar hem däl, emma indi ol – dessur. Eger adamsy ölen aýal özüni äriniň mukaddes gubur odunda otlamasa, eýýäm ony ärini söýmezlikde aýyplap, ata-baba dessury ýykan ýaramaz adam hökmünde barmak çommaltjaklar. Bu bir…

OSMAN ÖDE: – Ikinjiden birek-birekden galmazlyk hem barmyka diýýärin. Geçmişde ilkinji faraonlaryň biri özüni o dünýä ugratmak üçin on müň adamyny öldürdýär, ikinji faraon durmuşda ondan köp iş bitirýär, özüni öňki faraondan artyk görýär, ol şonuň üçin ýigrimi müň adamy ýany bilen alyp gidýär. Şeýlelikde, dessine bu san ýüz müňe baraýýar. Ol barada biz ýatlapdyk.

NOBATGULY: – Faraonlar o dünýäni hem ynandyrýan dindarlar. Dindarlar faraony hudaýlaşdyrypdyrlar, hatda olary hudaýyň ogly diýp yglan edipdirler. Hudaýyň ogly ölmeli däl! Ol ölmeýär, ol öz ýerasty şalygyna höküm sürmäge gidýär. Diýmek, oňa attutarlar, hyzmatkärler, gullar, gyrnaklar, akyldarlar gerek. Ol ýüz müň adam bilen gitmese, mertebesi pes bolýar…

OSMAN ÖDE: – Bu dessur hindilerde-de, hytaýlylarda-da, afrikalylarda-da gaty ösen. Hytaýda Sin şalygy zamanynda U-gon öleninde ony o dünýä 66 adam ugradýar, eýýam yz ýanyndaky şa Mu-gon özi bilen 177 adamy alyp gidýär. Olardan soňrak şalyk süren Şin-huanyň tutumy görlenden däl, ol o dünýädäki ýerasty şalygyny özi gurdurýar. Onda 700 müň adam on ýyl zähmet çekipdir. Kümmediň içinde ýüzlerçe bezelen kaşaň zallary, myhman kabul edýän ýerleri, şanyň iş orunlary, aramhanasy, haremhanasy, dergähi bolupdyr. Ol özi bilen hazynasyny hem alyp gidipdir, ýaş çagasy bolmaýan gelinleriň üç müne golaýy oňa hyzmat etmek üçin diri gömlüpdir. Şin-huan akmak däl, ol onça hazynasyny kümmediň içinde ýerleşdiren ussalaryň, şaýatlaryň ählisini öldürýär…
Taryhda munuň ýaly mysallar gaty kän. Şu alnan mysallardan misil tutup, dinleriň öňi bilen tebigat hadysasyndan gorky zerarly dörändigini, soňra ynama, dessura öwrülendigini bellemek gerek. Biziň gadymky ata-babalarymyza şu günki pikir bilen garamak bolmaýar, olar sada, ynanjaň, beýnisi egri-

bugrusyz, iň esasam kalby melgunsyz adamlar! Men ynamy bolan adamyň aňsat ölüp biljekdigine gaty ynanýaryn.
Prinsip üçin ölýänler hem az däl. «Meşhur Utopiýa» romanynyň awtory Tomas Mor örän beýik, haýran galaýmaly paýhasly şahsyýet. Ol gumanist, döwlet işgäri. 1529–1532-nji ýyllar aralygynda Angliýanyň kansleri bolup işlän ýazyjy. Ol katolik. Oňa iňlis koroly Genrih VIII Anglikan ybadathanasynyň başlygy hökmünde özüne kasam etmegi teklip edýär. Tomas Mor boýun towlaýar. Ol papanyň başlyklygyny ykrar edýär, koroly pitiwa etmeýär. Netijede, ony döwlet dönügi hökmünde aýyplap, elhenç jeza berip öldürmeli edýärler. Ilki dardan asmaly, ölüp ýetişmänkä, kementden boşadyp, diriligine ýürek-bagryny çykaryp, ýanynda otlamaly, soňra ujydyny kesmeli. Göwresini dört bölege bölüp, hersini şäheriň bir derwezesinden asmaly.
Geçmişiň akyldar ýazyjysy ölüm permanyna razy, emma Anglikan ybadathanasyna ybadat etmäge, korola kasam etmäge razy däl. Näme üçin? Ýazyjy ähli dinleriň düýbüniň birdigine, ýalňyz Hudaýyň bardygyna ynanýar. Anglikan ybadathanasy bolanynda-da şol bir hudaýa sežde edýär, katolik ybadathanasynda-da… Emma ol ölümi saýlaýar… Meniňçe, bu taýda prinsip ýatýar… Meniň okan, bilýän, eşiden adamlarymyň içinde ölümiň gözüne dogry seredip, şol mahalam ýumor tapmaga ýagdaýy bolan diňe Tomas Mor…
Ony hökümiň ýerine ýetirilmeli ýerine alyp barýarlar, şonda gorag gullugynyň bir işgäri ondan:
– «Üstki eşikleriň indi saňa gerek bolmaz, üstki eşigiňi maňa beräý» diýip haýyş edipdir.
– «Baş üstüne, ynha, al» diýip, ol kellepoşuny beripdir. Kellepoş bolsa ölüme höküm edilene geýdirilýän türme geými eken. «Al, meniň şundan üstde duran eşigim ýok»…
Soňra ony jeza berilmeli beýik sekiniň ýanyna eltýärler, onuň merduwany yrgyldap durmuş. Ençe aýlap türmede oturyp haýy giden ýazyjy ýanyndaky türme işgärine ýüzlenip:
– Haýyş edýän, maňa şuňa münmäge kömek ediň, düşemde özüm başymy çarajak bolaryn! – diýipdir.
Ýazyjyny çapgy agajynyň ýanyna eltýärler (Dostlary dar agajyny hem beýleki jezalary ýatyrdýarlar). Tomas Mor paltasyny

taýynlap duran jellada ýüzlenipdir:
– Meniň boýnum gysgajykdyr, gowuja çenen, birden dogry çapyp bilmän, iliň öňünde masgara bolaýma…
Ýazyja ölümiň öňýanyndaky sözi aýtdyrmaýarlar, sebäbi ol gepläp başlasa halky öz tarapyna çekip, topalaň turzar öýdüp gorkupdyrlar.
Döwlet dönügi hökmündäki aýyplamadan soň, jellat onuň başyny çapgy agajyna goýup, aýpaltany saljak bolýar. Tomas Mor jellady saklaýar. Hem boýnunyň aşagynda galan sakgalyny eňeginiň ýokarsyna geçirmegi haýyş eýdýär:
– Döwlete dönüklik etmäge meniň sakgalym gatnaşmady – diýip, ölümiň ýarym sekund öňýany ilaty güldürip ölüp bilipdir. Ynha, beýik ýazyjynyň ölümi.
Atamyrat Atabaý hemişe içen mahaly men geniý diýip öwüner eken. Bir gije onuň ýüreginden tutanynda: «Eý, Allajan, geniý men däl, geniý gaýraky jaýda ýaşaýar» diýip, seniň öýüňi görkezipdir diýip anekdot edýärler welin, ugrunda barmy?..

NOBATGULY: – Ugrunda bar… Men durmuş, ölüm hakda oýlanyp-oýlanyp bir netijä geldim. Adamyň durmuşy kitabyň bir sahypasy, onuň ölümi ikinji sahypa. Iki sahypanyň many, mazmun, logiki yzygiderliligi gabat gelýän kişiniň iki dünýäsem abat.
Ynam bilen ýaşamaly, ynam bilen ölmeli!..
Sen her kellede han otyr, her kim öz başyna özi bela getirýär diýip pelsepe otarýarsyň, men bolsa, her gursakda şeýtan otyr diýip pikir ýöredýärin. Geçmişde-de, şu günem belanyň bar körügi ynsan beýnisinde, ynsan kalbynda. Geçmiş – öz etmeşleri üçin jezasyny çekipdir, biz hem geljekki nesil hem jeza çekmeli bolarys. Muhammet pygamberimiz: «Şu dünýä ynsanyň ekin meýdanydyr, näme ekseňiz şonam orarsyňyz» diýýär. Ýene ol: «Her kim özüni tanasa, Allasyny hem tanar» diýipdir. Ýigriminji asyr tamam bolup barýar, häzir yslama-da, injile-de, töwrada-da, budda-da halys ýürekden ynanýarlar, bütinligi bilen berlenler geçen asyrdaky ýaly däl.
Millionlarça adamlar arak-şerabyň pidasy! Üç asyr mundan ozal arak satýana ölüm jezasyny beren Russiýanyň häzir esasy

girdejisi arak-şerapdan gelýär.
Zyna işleriň, pornografiýanyň, jelepçiligiň garşysyna göreşmeli ýüzlerçe döwletler hut olaryň pajarlap ösmegi üçin şert döredip, ummasyz girdeji alýarlar.
Iň ösen döwletler dürli-dürli ýarag öndürip, yzagalak döwletlere satyp, her hili bahana bilen uruş oduny tutaşdyrýarlar.
Dünýäniň ençeme döwletlerinde açlykdan on millionlarça adam ölýärkä, arzançylyk bolmaz ýaly, artyk zadyny ýok edýärler.
Onsoň: «Dünýä niräk barýar?» diýip, kelläňi tutýarsyň.

OSMAN ÖDE: – Adamlaryň başyny birikdirmek, döwletleriň agzyny bir etmek mümkin däl. «Millionerler rewolýusiýa döwri döreýär, milliarderler uruş wagty» diýip, köp adam adamzadyň betbagtlygyndan peýdalanmaga ýeserlik, akyllylyk diýip bilýärler, dünýä niräk barýar?!
Ýüz millionlarça adamlar modanyň yzyndan barýarlar…
Ýüz millionlarça adamlar baýlygyň-puluň yzyndan barýarlar…
Ýüz millionlarça adamlar Hudaýa gaçyp, diniň ýoly bilen barýarlar…
Ýüz millionlarça adamlar haram-halal diýmän, talaň ýoly bilen barýarlar
Onsoň, dünýäniň niräk barýanyny Alla bilsin!
Dünýäni bulaşdyrýanlar ýeser, talantly, akylly adamlar!
Olar Isa zamanynda-da bolupdyr, Muhammet zamanynda-da, häzirem bar…

NOBATGULY: – Muhammet pygamberimiz bir hadysynda: «Halka ýolbaşçy bolan adam, eger-de on adama bolan bolsa-da, Kyýamat güni boýnuna zynjyr salyp getirerler. Eger adalatly bolan bolsa, adalaty ony jennete elter. Eger zulum we jebir eden bolsa, eden zulumy ony dowzaha dykar» diýipdir. Emma şu gün her kim ýolbaşçy boljak, iki adama bolsa-da bolýar, poh artýan edara bolsa-da bolýar. Her kim her etjek, hesip etjek, ýolbaşçy boljak. Ýolbaşçy bolup bilmese, toýda tamadalyk etjek, olam ýetdirmese, patada dik durup beýemçi bolup özüni görkezjek. Kyýamatda boýnuna uruljak zynjyrdan gorkýan ýok.

Her bir akylly adam taglymat döretjek, yzyna adam düşürjek. Özi nirä gitjegini bilýän däldir, emma yzyna sülsat düşürjek. «Arpa tapmaz atyna, nöker tutar syrtyna» diýleni-dä!
Her kim şygyr ýazyp at aljak, at aldygam bir hokga çykarar. Geçmişde özüni pygamber diýip atlandyran, özüni hudaý diýip yglan eden onlarça talantlary yslam dünýäsiniň taryhy hem bilýär. Yslam dininiň şa ýola düşüp, tutuş Gündogarda adalatlylygyň, parahatlygyň, doganlygyň dabaralanýan wagty Ibn Abu Aun atly şahyr alaga-da özüni hudaý diýip yglan edýär! Pygamber hem däl, hudaý! Ony 933-nji milady ýylynda jezalandyryp öldürýärler, şondan otuz ýyl soň halaply Abu Jawuf özüni pygamber diýip yglan edýär. Elbetde, ony hem jezalandyrýarlar. Ondan elli-altmyş ýyl öň Abdallah ibn Maýmyn hem özüni pygamber diýip yglan edýär. Ondan altmyş-ýetmiş ýyl ozal zandy maryly Al-Kassar Alawar hem pygamberlige dalaş edýär.

OSMAN ÖDE: — Wawilon imperiýasynda dagy 2500 sany hudaý bolupdyr. Ol zamanyň adamlary hudaýlary ummasyz güýçli, gudratly hökümdar hökmünde görýärler. Şonuň üçin, asmanda baş hudaý bar, baş hudaýyň wezir-hudaýlary, ministr hudaýlary, akyldar hudaýlary, gül hudaýlary bolupdyr. Baş hudaýyň aýaly hem hudaý, çagalary hem hudaý bolýar. Hullasy olar ýerdäki zemin şalygy ýaly asman şalygyny döredýärler.

NOBATGULY: — Olara onça hudaý nämä gerek?! Gerek bolmasa onça hudaý döredilmezdi! Adamlaryň ählisini bir zada uýdurmak kyn. Adamlar gatlak-gatlak, dürli-dürli. Olara köp hudaý zerur. Köp hudaý bolanynda her kim öz islegine görä bir hudaýy saýlap, şoňa uýup bilýär.

OSMAN ÖDE: — Bir hudaýlylyga ýetmek üçin adamzat tutuş taryhyny bagyş etdi: agtardy, gözledi, uruşdy…
Şu güne akyl ýetirmek üçin geçmişi öwrenmeli, geçmişde kylynan işler bolsa akylyňa sygmaýar. Umuman, Arabystan ýarym adasy, Afrikanyň demirgazyk başy hudaýlary, pygamberleri döretmekde dünýäde birinji orny eýeleýär. Gadymy Müsüriň, Babylyň, Assiriýanyň hudaýlaryny, pygamberlerini sanap tüketmek mümkin

däl. Gaýry ýerler hasyl berse, ol ýerleriň hasyly pygamber… hudaý…
Häzir pygamber diýilse, biz eýýäm Hakyň resulyna, beýik taglymatlary bilen millionlap halklary, döwletleri yzyna düşürip, hak ýoluny görkezen Muhammede, Isa düşünýäris. Emma geçmişde pygamber gaty kän, hatda olar «Görogly» eposyndaky galandarlary ýadyňa salýar. Yzraýylyň her bir şasy ýa pygamber ýa-da köşgünde birnäçe pygamberi saklap ýören şahs. Biziň eramyzdan ozalky VII-V asyrlarda kollektiw pygamberlik döwri başlanýar. Olar topar-topar gezip, welilik satyp, halka aýanlyk getirip, dileg bilen güzeranyny dolap gezipdirler. Ýeke Ýahwa uýýan Ahaw şa zamanynda onuň köphudaýly aýalynyň dört ýüz töweregi pygamberi-geňeşdary bolupdyr.
Halka göz etmek üçin, jelep aýal bilen, keseki aýaly bilen ýaşan pygamber hem bar, halkyň içinde çuw ýalaňaç gezen pygamberem bar. Iliýa, ýagny Ylýas pygamber Ahaw patyşanyň ýurdunda gurakçylyk boljagyny aýdýar, emma beýleki pygamberler ony ret edýär… Netijede, Ylýas pygamber dört ýüz elli pygamber bilen ylahylyk gudraty babatda güýç synanyşmaly bolýar. Ylýas pygamber olaryň ählisini ýeňýär, gahary gelen Ahaw patyşa beýleki pygamberleri tutup jezalandyrýar. Şol zamanlar pygamberler şeýle bir köpelipdir, halk olara uýmadan geçen, hatda olary ýigrenipdirler.

NOBATGULY: — Köphudaýlylyk döwründe köp pygamberiň bolmagy kanunalaýyk. Biziň eýýamymyzdan bäş müň-dört müň ýyl ozal patyşalar özlerini hudaý diýip yglan edipdirler!
Biziň eramyzdan üç müň-iki müň ýyl ozal patyşalar, faraonlar özlerini hudaýyň ogly diýip yglan edipdirler.
Men şu taýda halkymyzyň taryhy bilen gyzyklanýanlar üçin bir täsin fakty getirmekçi. Häzirki Yragyň territoriýasynda şumerleriň gadymy döwleti, siwilizasiýany döredendigini taryh bilýär. Şol ilkinji diýilýän siwilizasiýany skifleriň — (türkmenleriň) basyp alandygy hakynda hem maglumat kän. Ynha, golaýda men bir mahal okan kitabymdaky bellikleri täzeden gözden geçirdim. Biziň eýýamymyzdan XXVII asyr öň, takygy iki müň ýedi ýüz ýyl ozal taryhy şahs altynjy dinastiýanyň düýbüni

goýan faraon Snerhu ýüz on ýaşynda bir garamaýak weliniň bardygyny eşidip, ony köşgüne çagyrdýar. Ogly gämili gidip garamaýak weli Nefertini alyp gelýär. Snerhu oňa:
– Sen çapylan kelläni ýerine goýup, ölene jan berip bilýärsiň diýip eşitdim. Men häzir kellesi kesilen gulumy getirtjek, şonuň başyny ýerine goý-da jan ber – diýýär. Emma Neferti:
– Gul hem bolsa taňrynyň keramatly jandarydyr, men hudaýyň janyny alanyny direltmerin, başgarak zat getiriň – diýýär.
Ine, şonda faraonyň hökümi bilen bir gazyň kellesini çapyp, gazyň kellesini hem göwresini oňa berýärler. Neferti öz gudraty bilen gazyň başyny ýerine goýup, jan berýär, gaz direlip köle garşy gidýär. Soňra öküziň başyny çapyp, synap görýärler. Ähli synagdan geçeninden soň, Snerhu oňa: «Geljekde nämeler boljak, gürrüň ber» diýýär. Neferti faraon Snerhunyň esaslandyran beýik Müsür döwletine betbagtlyk abanýandygyny, aziýalylaryň çozup ýurdy, döwleti weýran etjekdigini, ýöne Amenem – hata atly täze faraon döräp aziýalylary kül-peýekun etjekdigini gürrüň berýär. Bu waka hakykatdanam, şeýle bolup geçýär. Şondan iki-üç ýüz ýyl soň şol aýdylýan faraon döräp, hakykatdan-da aziýalylary öz gelen ýerine kowýar. Gaty uly imperiýa gurup, adalatly faraon bolýar. Ol örän uly dini reformalary geçirip, köphudaýlylyga garşy berk zarba urup, hatda Müsüriň gadymy hudaýlaryny çalşyp, ýeke hudaýa getirýär. Ol hudaýyň ady Aton. Özüni bolsa ýalňyz hudaýyň, Atonyň ogly diýip yglan edýär.
Bu maglumatlar hakyky taryhy dokumentlerden alyndy.
Köphudaýly geçmiş biziň göwnümize durşuna mif ýaly bolup dur, ýöne şol ýyllarda, pergamente-derä, papiruslara, toýna ýazylyp bişirilen ýazgylary okasaň, gaty realistik zatlar köp. «Hudaý Atona wasplar» atly bir taryhy dokument bar. Şondan käbir parçalary okap göreli:
«Hudaýyň beýik ady bilen wasp edeliň: «Ra-Horahti atly hudaý diri, ol asmanda parlap dur, onuň adynda Şu bar – diýmek, ol Aton.
«Sen asmanda ajaýyp nuruňy saçyp dursuň, sen diri, sen ýaşaýşyň gözbaşy! Sen Gündogardan görnüp, bütin ýerleri öz şuglaň bilen doldurdyň. Sen ajaýyp, beýik, nurana! Sen ähli

ýerden beýikde! Seniň şuglalaryň seniň ýaradan ýerleriň ähli çäklerine şugla salyp dur».
«Sen nur saçyp başladygyň ähli zat jana gelýär. Gämiler demirgazyga hem günorta rowana bolup ýüzüp barýarlar, seniň barlygyňda ähli ýollar açyk. Derýadaky balyklar şuglaňdan heýjana gelýär. Sen şuglaň bilen deňizleriň tüm düýbüne aralaşyp, balykgulaklaryň göwsünde dür döredýärsiň, sen ynsanyň göwresinde onuň tohumyny ýaradýarsyň, sen zenanyň garnyndaky düwünçege jan berip, aglasa mähriň bilen diňdirýärsiň».
«Peteis III kyssasy» ady bilen çap edilen Gadymy Müsür ýazgylary esasynda taýynlanan kitapdaky kyssalaryň çeperçiligine, fantaziýasyna, ideýa-mazmunyna üç-dört müň ýyldan soň haýran galyp oturmaly.

OSMAN ÖDE: – Gaty gadym geçmişde hudaýlaryň, pygamberleriň köp bolmagy ýöne ýerden däl. Onça hudaýlary adamlary işsizlikden toslap tapmandyrlar. Hudaýlaryň köp bolmagynda adamlaryň öz bähbitleri bar: birinjiden, ýaňy aýdyşymyz ýaly, her kim islegine görä, özüne hudaý edinip bilýär. Ikinjiden, hudaýlaryň köp bolmagy jemgyýetiň ahlak normalarynyň dürli-dürli bolmagyna getirýär, munam adamlar öz bähbitlerine ulanýarlar. Uruş isleýänler, uruş hudaýyny baýdak edinip, uruş turzup bilýär, tersine parahatlyk küýseýänler, öz penakär hudaýlaryndan pena isläp, uruş hudaýyna garşy öz hudaýyny goýup bilýärler. Daýhan hudaýyna uýýan daýhan uruş, goh-galmagal bar ekeni diýip durman, wagt tapdygy ekin ekýär, tikin tikýär…
Bu hudaýlar türkmeniň aňyndan hem doly ýitip gitmändir, olar biziň aňymyzda pirler ýa gudratly şahslar bolup galypdyr. Hudur ata yslam dininden ozal ýerasty şalygyna gidip, dirilik suwuny tapyp getiren gudratly şahs. Biz yslam dinine uýýarys, emma Hydyr atany hem inkär etmeýäris. Hydyr ata häli-şindi ýüzlenýäris. Gurakçylyk boluberse, Burkut ata ýalbaryp sadaka berýäris. Düýämizi ýitirsek Weýis baba ýykylýarys… Aňa giren zat aňsat-aňsat ýitip gitmeýär.
Men seniň «Pygamber pederi Abdyllah» atly tragikomediýaňy

okap, bir zada ymykly göz ýetirdim. Leniniň «Russiýada rewolýusion situasiýa bişişdi» diýşi ýaly, Muhammet pygamberimiz dünýä inmezden ozal pygamberiň döremeginiň zerurlygyna, pygamber döräýmese Arabystanda durmuşyň gaty çylşyrymlaşjakdygyna göz ýetirdim. Köp hudaýly müşrikler gyz bäbekleri bolan dessine hudaýlaryna sadaka aýdyp, diri ýere gömüp gaýdypdyrlar. Ol öz gezeginde aýal maşgala gytlygyny ýüze çykarýar. Aýal maşgala gyt boldugam – köp kişä hyzmat eder ýaly jelephanalar gerek. Arabystanda şol mahal jelephana, jelepçilik asla geň görülmändir. Aýal hemme kişä ýetmeýär, hemme kişä-de aýal gerek!
Aýalyň gadyryny Gündogar bilýär. Aýratynam, araplar! Türkmenler-ä goýaý ýöne, ähli gazananyny aýala bagyş edýär. Gündogarda bir-iki aýal alyp oňjak erkek az-az! Iýjek-geýjegini tapyp bilse, üçüsini-dördüsini aljak. Emma her kim gyz bäbegini ýere gömüberse, aýal nireden bolsun? Diýmek, gyrnak almaly. Gyrnak aljak bolsaňam uruşmaly… Ine, musulmançylykdan ozal nadançylyk zamanyndaky ýekeje dessuryň araplara ýetirýän zyýany. Olaryň güni bir bolsa, urşy iki. Hemmesiniň sebäbem aýal!
Muhammet Mekgäni syndyransoň, boýun egip meýletin yslamy kabul etjekler üçin dessur guraýar. Ol beýik depede oturyp, suwly kersene barmagyny batyry oturýar. Kim gelip şol suwa barmagyny batyrsa, onuň musulman boldugy. Tohum-tiji bilen pygambere garşy göreşen şahyr zenan Hindi hem gelýär. Ol buýsanjaň, ol dogumly. Ol pygamberiň agasy Hamzanyň ölümine sebäp bolup, Hamzadan ar alyp, onuň ýüregini penjesine gysan şahyr. Ol mejbury gelmeli bolýar. Ýöne ýüzi perenjeli gelýär. Barmagyny suwa batyryp, pygamberiň şerigat kanunlary bilen ylalaşmaýandygyny gös-göni aýdýar:
– Heý-de azada zenanlara jelepçilik edýäň diýip bolarmy? Onuň özi-özüne hojaýyn dälmi, eýse ol gyrnakmy?
Şahyr zenan jemgyýetiň agzasy, ol jemgyýetiň pikirini aýdýar. Ol gyrnak däl, hojaýynyndan sorap etjek işini eder ýaly… Ol azada, erkin zenan! Onuň näme etse haky bolaýmaly!
Elbetde, Muhammet pygamberimiz tutuş musulman dünýäsinde ahlak kadalaryny Allanyň islegi boýunça kemsiz ýola goýdy, emma bir

ýarym müň ýyldan soň, ýigriminji asyryň aýagynda Hindi gyzynyň pikiri jemgyýetçilik pikirine öwrüldi. Aýallar azatlygy, emansipasiýa…
Muhammet pygamberimiz bolsa şeýle diýdi: «Menden soň erkek kişiler üçin aýallar sebäpli turýan pitneden zyýanly hem howply pitne ýokdur. Erkekler üçin iň uly we howply pitne aýallardyr!»… Söhbetdeşlik